# Iki uly öwrülişik

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Iki uly öwrülişik IKI ULY ÖWRÜLIŞIK



Käbir taryhy seneler göräýmäge ähmiýetsiz, ýönekeý ýaly bolup görünýär. Meselem, 1979-njy ýyl…
Şol ýyl dünýä syýasatynda möhüm ähmiýetli öwrülişik başlady. Sowet Soýuzynyň Owganystana girmegi onuň soňunyň başlangyjy boldy. Şol ýyl ABŞ-nyň eli ýaragly «jihatçy yslamçylary» dünýäniň başyna bela etmeginiňem başlangyjydy…
Galyberse-de: ABŞ şu maksat bilen Päkistanda 1979-njy ýylda ekstremistik dinçi harbylara döwlet agdarlyşygyny gurnadyp, demokratik-dünýewi režimiň tarapdary Zülpükar Aly Buttony öldürtdi…
Şol ýyl Pol Pot agdaryldy, Idi Amin agdaryldy, Somoza agdaryldy… Sowet Soýuzy bilen ABŞ-nyň arazynda «wekilçilik urşy» gidýärdi we «Sowuk uruş» döwrüniň belki-de dünýäde iň ganly gegemoniýa urşy şol döwür bolup geçdi…
Uzatmaýyn:
Bu ýazgymyň temasy 1979-njy ýylfa iki ýurtdaky düýpli öwrülişigi ýazmak: Angliýa we Eýran…
Ikisiniňem dünýäde häzirem jedeli gidýär. Tötänlige

seretseňizläň, ýakynda iki ýurtda-da saýlawlar geçirildi…



*Kir Starmer*
* * *

1979-njy ýylyň 4-nji maýy.
Neoliberalizm Margaret Tetçeriň Konserwatiw partiýasy bilen Angliýada häkimiýet başyna geldi.
Şol ýyla çenli Angliýada sagçylyk, iş taşlaýyşlary basyp ýatyrmak, profsoýuz duşmançylygy, zähmetkeşlere garşy çykmak, sosial döwlete garşy gitmek ahlaksyzlyk hasaplanýardy!
«Demir leýdi» Tetçer hemmesini owup geçdi. Ähli «günäleri» gözüni gypman etdi. Hususylaşdyrma syýasatyna «tetçerizm» diýip başladylar…
Bu sagçy konserwatizm bilen Ronald Reýgan ABŞ-da häkimiýet başyna gelenden soň döwrüň agalyk ediji düşünjesi şu düýpli reformalar boldy. Taryhyň iň uly ýalanyny sözlediler:
«- Jemgyýetçilik ýarylma köp pul gazanýanlar bilen az pul gazanýanlaryň arasynda bolanok, gününi dolamak üçin işleýänler bilen döwletden peýdalanýanlaryň arasynda bolýardy».
Sosial döwlet şeýdip biçildi…
Bazar hemme meseläni çözýän «hudaý» mertebesine şeýdip göterildi…

Bu bolsa segseninji ýyllarda intellektual at-abraýa eýe çepçi pikirleriñ garşysyna güýçlenmelere sebäp boldy. Utanylýan sagçylyk «täze konserwatizm» ady bulen agalyk ediji garaýyş bolmaga başlady. Çepçi partiýalar «dönük» boldy!
Halk 23 ýyldan soñ Işçiler partiýasyny häkimiýet başyna getirdi we diñe Toni Bleýr «Üçünji ýol» ady bilen ýene öñki syýasy ugurlary dowam etdirdi. Halk sekiz ýyl dowam eden bu nikaby syrdy. Häkimiýeti ýene Konserwatiw partiýa berdi.
Saýlawçylar 14 ýyldan soñ şu ýylyñ 4-nji iýulynda Işçiler partiýasyny ýene häkimiýet başyna getirdi.
Eýsem-de bolsa, 1979-njy ýylda başlan neoliberalizmiñ kyrk bäş ýyllyk häkimiýeti bu täze hökümet – Kir Starmer üýtgedip bilermi? Kyn boljaga meñzeýär, Işçiler (Leýboristik) partiýasy geçen saýlawda has köp ses alan Žeremi Korbin ýaly çepçileri partiýadan daşlaşdyrdy…



*Mesut Pezeşkiýan*
* * *

Dünýä syýasatyna düýpden täsirini ýetirjek režim ýene 1979-njy ýylda orta çykdy: Eýran Yslam Respublikasy!
1-nji fewralda ýurduna dolanan Homeýni Tähranda kiçijik kinoteatryñ sahnasynda goýlan kürsüde täze režimiñ dörändigini yglan etdi! Döwletiñ dini we syýasy lideri özüdi…

Ýanynda Mehdi Bazergan, Ibrahim Ýezdi ýalu reformalary geçirmegiñ tarapdarlary bolan demokratlar hem bardy. Emma aradan geçiren wagtyñ içinde Homeýni režimden diñe çepçileri däl, özüne wepaly adamlary-da gyraklatdy…
Ilkinji prezident saýlawlarynda ýeñiş gazanan reformaçy Beni Sadr janyny halas etmek üçin Parįže gaçmaly boldy.
Iñ soñky 2024-nji ýylyñ 5-nji iýulynda geçirilen saýlawda reformaçy Mesut Pezeşkiýan üstün çykdy. (Azerbaýjandan gelende wertolýotynyñ heläkçilige uçramagy netijesinde aradan çykan prezident Ibrahim Reisiniñ ýerine onçakly fawori hasaplanmaýan Pezeşkiýanyñ saýlanmagy aýratyn makalanyñ temasy).
Saýlawçylar Kir Starmerdenem, Mesut Pezeşkiýandanam umytly… Olar lapykeçlige uçramazlar diýip umyt edýärin.
Üstünde durmak isleýän iñ soñky zadym:
Dünýädäki 1979-njy ýylyñ öwrülişikleriniñ baş sebäbi nebit krizisidi. Häzirki bolýan häkimiýet çalşyklarynyñam sebäbi neoliberalizmiñ 2008-nji ýyldaky maliýe krizisidir. Häkimiýet çalşyklaryny sagçy-çepçi diýmezden şeýle analiz etmek has oýlanyşykly bolar…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 10.07.2024 ý. Publisistika